
TÜRKMEN
TÜRKÇESİ






# TÜRKMEN TÜRKÇESİ

## TÜRKMENCE OKUMA VE ANLAMA İLE İLGİLİ DERSLER

**TL 2043 TÜRKMEN TÜRKÇESİ OKUMA-ANLAMA I**
(TÜRKMEN TÜRKİSH READİNG COMPRHENSİON I)





**TL 2048 TÜRKMEN TÜRKÇESİ OKUMA-ANLAMA II**
(TÜRKMEN TÜRKİSH READİNG COMPRHENSİON II)



TÜRKMEN TÜRKÇESİ

# TÜRKMEN TÜRKÇESİ

## TÜRKMENCE OKUMA VE ANLAMA İLE İLGİLİ DERSLER

**DÜŞÜNMEK ÜÇİN**

- OKAP BİLMELİ
- DİŇLÄP BİLMELİ
- AŇLAP BİLMELİ



# TÜRKMEN TÜRKÇESİ

| Ders Kodu | Yarıyıl | Ders Adı | T/U/L | Türü | Öğrenim Dili | AKTS |
|---|---|---|---|---|---|---|
| TL 2043 | 1 | Türkmen Türkçesi Okuma-Anlama I | 2 | | Türkmence | 3 |

**Dersin amacı**,

- ***öğrencinin kendisiyle,***
- ***ailesiyle,***
- ***çevresiyle ve***
- ***özel günlerle***

**ilgili metinleri okuma anlama becerilerini geliştirmektir.**





# TÜRKMEN TÜRKÇESİ

## EDEBİYATLAR VE DİĞER KAYNAKLAR


BABAYEV, K., (1972) Türkmen Diliniň Praktiki Stilistikası. Aşgabat.
BABAYEV, K., (1982) Resmi Dokumentleriň ve Iş Kagyzlaryň Dil Medeniyeti. Aşgabat.
BABAYEV, K., (1983) Diliň Obrazlı Şerişdeleri. Aşgabat.
BABAYEV, K., (1983) Dokumentleriň ve Iş Kagızlarınıň Türkmen Dilinde Yazılışı. Aşgabat.
BABAYEV, K., (1983) Türkmen Diliniň Stilistikası. Aşgabat.
BABAYEV, K., (1989) Türkmen Diliniň Stilistikası. Aşgabat.
GELDİMIRADOV, A., (1983) Türkmen Edebi Dilinde Variantlaşma. Aşgabat:Ilım.
NEPESOV, G., (1993) Türkmen Edebi Diliniň Publisistik Stili. Aşgabat.
NIYAZOV, S., (1994) Stilistikanı Övretmegiň Esasları. Aşgabat.
ŞIHIYEVA, O., (1996) Türkmen Dili ve Sözleyiş Sungatı.
TÄÇMIRADOV, T., (1976) Türkmen Edebi Diliniň Orfografiyasınıň Sovet Dövründe Formirlenişi.Aşgabat.
TÄÇMIRADOV, T., (1978) Türkmen Diliniň Orfoepik Sözlügi. Aşgabat.
TÄÇMIRADOV, T., (1979) . Dil Medeniyetiniň Meseleleri. Aşgabat.
TÄÇMIRADOV, T., (1979) Türkmen Sözleýiş Medeniyeti Boyunça Oçerkler. Aşgabat.
TÄÇMIRADOV, T., (1980) Sözleyiş Medeniyetiniň Aktual Meseleleri. Aşgabat.
TÄÇMIRADOV, T., (1988) Türkmen Sözleyiş Medeniyetiniň Käbir Meseleleri. Aşgabat.
JANOS SİPOŞ (2012) TÜRKMEN KÜLTÜREL ARAŞTIRMALARI CD-I,II
TÜRKMEN RADİYO OYUNLARI (2011) Türkmen Türkçesinde CD-I,II
GARABAYEV, B., (1994) Türkmençe-Türkçe Gepleşik Sözlügi. Aşgabat: Gözyetim.
GÜCÜKOV, S., (1997) Alkışlar-Dilegler Sözlügi. Aşgabat.
DURDIYEV, H., (1993) Gözellik: Estetiki Söhbet. Aşgabat: Magarıf.
SARIYEV, B., (1994) Türkmen Sözleyşiniň Altın Sözlügi. Aşgabat:Magarıf.

# OKUMA-ANLAMA







TÜRKMEN TÜRKÇESİ



7-nji hepde:

# Şehir ile ilgili Türkmence metinler



## Türkmenistan – dost-doganlyk ýurdy

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistan ösen ýurtlaryň hataryna goşuldy. Paýtagtymyz Aşgabat şäheri hem gün-günden gözelleşýär. Biz her ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat şäheriniň gününi belleýäris. Paýtagtymyz Ginnesiň rekordlar kitabyna “Ak mermere beslenen şäher” hökmüne girdi. Bu bolsa biziň ata Watanymyzyň dünýädäki mertebesini, at-abraýyny barha belende göterýär.



TÜRKMEN TÜRKÇESİ



**7-nji hepde:**

# Şehir ile ilgili Türkmence metinler



Biziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň her bir güni möhüm wakalardan, şanly senelerden doly. Türkmenistan diýarymyzda ýaşlaryň çuňňur bilim almaklary üçin mekdepler, çagalar baglary gurulýar. Olar gözel diýarymyzyň gözelligine has-da gözellik goşýar, dost-doganlygy berkidýär. Türkmenistan Watanymyzyň goňşy ýurtlar bilen dost-doganlyk gatnaşyklary barha berkeýär. Biziň ata Watanymyzda dünýäniň dürli ýerlerinden gelen doganlyk halklarynyň gatnaşmagynda festiwallar, aýdym-saz bäsleşikleri yzygiderli geçirilip durulýar.



TÜRKMEN TÜRKÇESİ



**7-nji hepde:**

# Şehir ile ilgili Türkmence metinler



Şeýle ajaýyp Watanda ýaşaýan her bir adamyň ýüregi buýsançdan doly. Men hem şeýle ajaýyp zamanada ýaşaýandygyma, bilim alýandygyma, diýseň, buýsanýaryn. Goý, mundan beýläk hem ýurdumyz güllesin, össün! Daşary ýurtlar bilen dost-doganlyk gatnaşyklarymyz mundan-da has berkesin! Hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, tutumly işleri rowaç bolsun!



TÜRKMEN TÜRKÇESİ



**7-nji hepde:**

# Şehir ile ilgili Türkmence metinler



Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasynyň netijesinde, ýurdumyzyň çar künjegi, şol sanda ak şäherimiz Aşgabat giň gerimde rowaçlanýan ajaýyp binagärlik keşbi, görenleri haýrana goýýan döwrebap durmuş-medeni maksatly desgalary bilen tapawutlanýar. Aşgabat şäherindäki ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary, kaşaňlygy bilen biri-birinden tapawutlanýan owadan myhmanhanalar, göwünleri galkyndyrýan täsin suw çüwdürimler, gözel seýilgähler, gije-gündiz ýalkym saçyp duran, gül-güläleklere beslenen ak ýollar bu günki gün halkymyzyň buýsanjyna, ýakyn-u-alysdan gelýän myhmanlaryň guwanjyna öwrüldi.



TÜRKMEN TÜRKÇESİ



**7-nji hepde:**

# Şehir ile ilgili Türkmence metinler



Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy esasynda Aşgabat şäherimiz ýurdumyzyň esasy syýasy, ykdysady we medeni merkezine öwrülmek bilen çäklenmän, eýsem, halkara işewürliginiň we hyzmatdaşlygynyň hem merkezine öwrüldi. Milli Liderimiz paýtagtymyzdaky her bir gurluşyk taslamasynyň binagärlik aýratynlyklarynyň milli däplerimiz esasynda gurulmagy ugrunda uly tagallalar edýär. Şonuň üçin hormatly Prezidentimiz ýygy-ýygydan paýtagtymyz Aşgabat boýunça iş saparlaryny amala aşyrýar. Geçen hepde döwlet Baştutanymyz paýtagtymyzyň günbatar böleginde gurluşygy alnyp barylýan binalaryň iş ýüzünde ýerine ýetirilişi bilen tanyşdy. Aşgabadyň bu künjeginde ýurdumyzyň baş şäherini ösdürmegiň 16-njy tapgyrynyň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar.



TÜRKMEN TÜRKÇESİ



**7-nji hepde:**

# Şehir ile ilgili Türkmence metinler



Gurluşygyň baş meýilnamasyna laýyklykda, şäheriň Taslama we Tähran köçeleriniň aralygynda 12 gatly, 72 öýli ýaşaýyş jaýlarynyň 10-sy, 12 gatly, 48 öýli ýaşaýyş jaýlarynyň bolsa 6-sy gurulýar. Şäheriň bu künjeginde bina edilýän desgalaryň gurluşygy hormatly Prezidentimiziň kabul eden Kararyna laýyklykda, ýurdumyzyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalaryna ynanyldy. Munuň özi türkmen telekeçileriniň häzirki zaman gurluşyklaryna işjeň gatnaşýandyklarynyň, iri taslamalary ýerine ýetirmäge ukyplydyklarynyň aýdyň subutnamasydyr.



# TÜRKMEN TÜRKÇESİ



**7-nji hepde:**

## Şehir ile ilgili Türkmence metinler



Milli Liderimiziň başlangyjy esasynda her ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat şäheriniň gününiň baýram edilmegi, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýaýbaňlandyrylan hem-de Aşgabadyň keşbinde öz beýanyny tapan oňyn özgertmeleriň gerimini äşgär edýär. Paýtagtymyzyň ak mermerden bina bolýan keşbi – ak bagtymyzyň beýany. Çünki Aşgabat – ajaýyplygyň şäheri.



TÜRKMEN TÜRKÇESİ



**7-nji hepde:**

# Şehir ile ilgili Türkmence metinler



Halkara hyzmatdaşlygy nukdaýnazaryndan Aşgabat myhmansöýerligiň, ygtybarly hyzmatdaşlygyň, parahatçylykly döredijiligiň, ynsanperwerligiň mekanydyr. Amala aşyrylýan giň gerimli işler ýurdumyzyň syýasy, durmuş-ykdysady, ylym-bilim, medeni merkezi hökmünde Aşgabat şäheriniň ähmiýetini has-da ýokarlandyrýar. Paýtagtymyzda halkara derejesindäki möhüm çäreleri geçirmek üçin ähli şertlere eýe bolan häzirki zaman binalarynyň gurulmagy şäheriň keşbiniň şu günki aýratynlygydyr.



# TÜRKMEN TÜRKÇESİ



**7-nji hepde:**

## Şehir ile ilgili Türkmence metinler



**Gözelligi we özboluşlylygy bilen tapawutlanýan türkmen paýtagty birnäçe gezek Ginnesiň bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Dünýäniň abraýly Ginnesiň bütindünýä rekordlar kitabynyň sahypalarynda Aşgabat şäheriniň mynasyp ornuny tapmagy, milli Liderimiziň paýtagtymyzy döwrebap hem-de täzeçil esasda ösdürmek ugrunda alyp barýan giň gerimli özgertmeler maksatnamasynyň üstünlikli amala aşyrylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.**
**Şeýlelikde, gün-günden gözelleşýän paýtagtymyz Aşgabat şäheri özüniň milli binagärlik äheňindäki häzirki zaman ymaratlary bilen kalbyňa şatlyk çaýýar. Deňi-taýy bolmadyk binalardyr-ymaratlaryň, köp sanly muzeýlerdir, sergileriň we teatrlaryň utgaşykly sazlaşygy paýtagtymyzyň myhmanlarynyň ünsüni özüne çekýär.**

**Maral ÇARYÝEWA,**
**Balkan welaýatynyň Serdar şäherindäki 2-nji orta mekdebiň fizika mugallymy.**

AŞGABAT bagtyýarlygyň şäheri